# Darbaz bilen eşek

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Darbaz bilen eşek DARBAZ BILEN EŞEK

Darbazyñ biri eşegini idip bazara gelipdir.
Başga bir darbaz oña golaýlaşyp:
– Eşek näçeden? – diýip soraýar.
– Müñ lira!
– Al bärik eşegi, ber eliñi söwdalaşaly!
Birküç kişi müşderiniñ gulagyna pyşyrdapdyr:
– Göreñokmy näme, bu eşek agsak ahyryn. Şoñ üçin arzan satýar!
– Eşek agsak däl, barmagynyñ arasyna daş gaçypdyr. Şoñ üçin ony agsakdyr öýdüp arzan satjak bolýar!
Eşek satana aýdypdyrlar:
– Eşegiñ agsagam däl eken-ä, barmagyna daş gaçanmyş!
Satyjy loh-loh gülüpdir:
– Eşeg-ä agsaklygyna agsak welin, başga hili pikir etsinler diýip, barmagynyñ arasyna daşy men goýdum!
Müşderiniñ ýanyna ylgapdyrlar:
– Bu eşek çyndanam agsak eken-ä. Daşy oñ eýesi goýan eken. Gördüñmi, senem aldady, pulunam aldy!
Müşderi zeýrenmäge başlapdyr:
– Wah, haramzada diýsäni! Eger galp pul bermedik bolsam jürümi dikäýjek eken-ow!..

*Ine, şu döwrüñ adamlarynyñ ahlak gurluşynyñ gysgaça beýany şular ýalak…*
*Ýalan sözleýänlerini bilýäris.*
*Ýalan sözleýänlerini bilýärler.*
*Ýalan sözleýänlerini bilýänimizi bilýärler.*
*Ýalan sözleýänlerini bilýänimizi bilýänlerini bilýäris.*
*Emma şonda-da ýalan sözläp ýörler.* Degişmeler